***Baý tejribäniň, amaly hünär endikleriniň kämilligiňi artdyrýandygy düşnüklidir. Şu jähetden, ýurdumyzda halkara forumlar, iri sport ýaryşlary, bilim olimpiadalary geçirilende meýletinçi ýaşlaryň hem taýýarlanylmagy möhüm ähmiýete eýedir. Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryndan ugur alnyp, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna gatnaşyjylary myhmansöýerligiň milli däplerine laýyklykda garşy almak we çäreleri ýokary derejede geçirmäge ýardam bermek maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde daşary ýurt dillerini bilýän talyplardan meýletinçiler taýýarlanylýar.***

Şunuň bilen baglylykda, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryndan ybarat iş topary döredilip, topar tarapyndan daşary ýurt dillerini bilýän talyplaryň arasyndan meýletinçiler we terjimeçiler saýlanyldy. Ýeri gelende bellesek, maslahatyň çäklerinde meýilleşdirilýän çäreleri guramaçylykly geçirmek, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde giňden wagyz etmek üçin ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde žurnalistika hünäri boýunça bilim alýan ýaşlar hem netijeli iş alyp bararlar.

Meýletinçilere dil taýýarlygy, protokol kadalary boýunça ýerine ýetirilmeli işleriň okuw maksatnamasy, biz – ýaş habarçylardyr wagyzçylar bilen bolsa halkara çäreleri beýan etmek üçin taýýarlanylan meýilnama boýunça okuw sapaklary üstünlikli geçirildi. Şeýlelikde, biz – ýaş meýletinçi-wagyzçylar nazaryýetde alan bilimlerimizi, şol sanda öwrenen daşary ýurt dillerimizi tejribe üsti bilen has-da berkideris.

**Suraý NAZAROWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026